## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

### 1523 Daşary ýurt raýatlaryny «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna» atly ýubileý medaly bilen sylaglamak hakynda

Türkmenistanyň halkara abraýyny ýokarlandyrmaga, türkmen halky bilen beýleki halklaryň arasynda dost-doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmäge, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga goşan saldamly goşantlary üçin, şeýle hem hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllyk şanly baýramy mynasybetli, **karar edýärin:**

**Şu daşary ýurt raýatlaryny «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna» atly ýubileý medaly bilen sylaglamaly:**

Owganystan Yslam Respublikasynyň Prezidentiniň Din işleri boýunça Geňeşçi-Ministri **Mohammad Jora Tahirini;**

«Gospitaliýa Internasional» nemes kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň direktory **Gerd Daýnerti;**

«Polimeks Inşaat Taahhüt we Sanay Tiçaret A.Ş.» türk firmasynyň başlygy **Erol Tabanjany;**

«Polimeks Inşaat Taahhüt we Sanay Tiçaret A.Ş.» türk firmasynyň başlygynyň orunbasary **Abdullah Gözeneri;**

«Kotam Interpraýzis LTD» türk firmasynyň wise-prezidenti **Gengörü Seda Muammeri;**

«Engin Group Consorcium LTD» türk konsorsiumynyň prezidenti **Engin Kaleni;**

Türkmenistanyň Strategik meýilnamalaşdyryş we ykdysady ösüş institutynyň direktorynyň durmuş-ykdysady ösüş işleri boýunça orunbasary **Alekseý Anatolýewiç Tihomirowy.**

**Türkmenistanyň Prezidenti** — **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. oktýabr aýynyň 25-i.*
*№ PP-5876*





### 1524 Gurban baýramyny bellemek hakynda

Türkmen halkynyň gymmatly ruhy baýlyklaryny gorap saklamak, ata-babalarymyzdan gelýän däp-dessurlaryny berjaý etmegine giň ýol açmak, milli baýramçylyklarymyzy has-da dabaralandyrmak baradaky asylly ýörelgelerimizden ugur alyp, Täze galkynyş eýýamynda merdana, ruhubelent halkymyzyň agzybirligini, jebisligini, ahlak-ynsap päkizeligini has-da berkitmek maksady bilen, **karar edýärin:**

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde 2011-nji ýylyň 7–8–9-njy noýabrynda Gurban baýramyny bellemeli we şol günleri iş günleri däl diýip yglan etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** — **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. oktýabr aýynyň 25-i.*
*№ PP-5877*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

### 1525 Harby atlary we ýörite ady dakmak hakynda

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň goranmak kuwwatyny pugtalandyrmaga, döwletimiziň howpsuzlygyny berkitmäge, raýatlaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramaga, türkmen jemgyýetinde asuda durmuşy, kanunçylygy we hukuk tertibini üpjün etmäge goşan şahsy goşantlary üçin, şeýle hem Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllyk şanly baýramy mynasybetli hem-de Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 53-nji maddasynyň 11-nji bölümine laýyklykda, **karar edýärin:**

Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň başlygy, general-maýor **Myrat Yslamowa** general-leýtenant harby adyny;

Türkmenistanyň Içeri işler ministri, polisiýanyň polkownigi **Isgender Handurdyýewiç Mulikowa** polisiýanyň general-maýory ýörite adyny;

Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň başlygy, podpolkownik **Annamuhammet Amandurdyýewiç Hojamgulyýewe** polkownik harby adyny;